# A.Çüriýewe bagyşlanan goşgulardan

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
A.Çüriýewe bagyşlanan goşgulardan ■ АЛЛАЯРУ ЧУРИЕВУ

Годы встречи торопят
И разлуки несут,
Опыт жизненный копят
И безжалостно быт.

Без разбора быт, поздых.
Иль терпи, иль борись.
Не предвидится отдых.
Учит искедваль жизнь.

Здесь нет «и» — только «или».
Тех, кого, двы, нет,
Возвращает Чуриев,
Наш известный поэт.

Не вести после смерти
Пусть на них клевета.
Судьбы светлые эти —
И его высота.

Николай ГОЛОВКИН.
XI — 90 г.

■ А.ЧУРИЕВУ

Был в редакции классик один живой,
А тетрь у нас двое их.
Аллаяр! Я характер ценю скромный твой,
Твои очерки, звонкий стих.
Сколько добрых имен, сколько судеб открыл!
У тебя удивительный дар.

Ранше просто хорошим знакомым был.
А тетрь – наш башлык, Аллаяр!

Николай ГОЛОВКИН.
11.11.90.

■ А.ЧУРИЕВУ

*Подпись Аллаяра*

Нет, не спутить подпись эту.
А ней талант и бежий дар.
Начинает передачу,
Утверждает гонорар.

Вижу добрую примету
В том, что с нами Аллаяр.
Эта подпись много значает –
Наш настроенный дутар.

Р.С. пусть она летит по свету.
Все успей – ведь ты не стар.
И не канет, верю, в Лету
Твоя подпись Аллаяр!

14.11.90.

■ ŞAHYR INIM ALLAÝARA

Şahyr inim Allaýar
Daş-töweregiň ala-ýaz.
Goşgy hakda, saz hakda
Söhbet açaly bir az.

Tebigatda oýun kän.
Haýran galdyryp bizi
Düşünäýmek örän kyn
Guşaýmasaň berk bili.

Daň şapagy hiç haçan

Öz-özünden döremez
Manysyz goşgulara
Hiç bir adam begenmez.

Gynanýaryn, gör muny
Indikileň gazaly
Çykaryp bolmaz ony
Timarlaman mazaly.

Bu döwürde köpeldi
Goşgyny ýazjak bolan
Oňardy-oňarmady
Çapdan çykartjak bolýan.

Şolar kimin goşgyny
Men hem ýazsam ýazaryn
Ähtimal köpüsinden
Has gowurak düzerin.

Tabşyr olara kemsiz
Gatyrak çytyp gaşyň
Goşgy gelmez ylhamsyz
Näçe syksaň göz ýaşyň.

Ylham geleni bilen
Birden şahyr bolmak kyn
Goşgy düzeniň bilen
Zandyňda bolsun zehin.

Ýene şahyrlaň biri
Saýyp özün dag şiri
«Goşgy entäk çigiräk
Okaýyn özüm ilki!»

«Okap bilsem ýalňyzsyz
Özüm ýazdym diýerin
Töläp muzzuny kemsiz
Size peşgeş bererin!»

Zor aýakdan ol tilki
Bolýardy dünýä gülki
Beýdip şahyr bolandan
Öleni gowy belki.

Seret inim Allaýar
Daş-töwerek gelin-mäz
Neneň joşmasyn şahyr
Wagt ýitirmän goşgy ýaz!

Dogrymy aýytsam men
Sen şahyrlaň şahyry
Söýgi äleminde sen
Yşk mülküniň Tahyry.

Kä wagtlar ýatlaýan
Studentlik çagymyz
Ilki ýazan şygryňa
Galdyk haýran barymyz.

Şol ilkinji gazalyň
Juwanlara ýarady
Ondan bäri goşgulaň
Ýüzlerçesi döredi.

«Gel obamyň lälesi»
Şowly çykan aýdymdy
Oň saz-owaz bezegi
Hudaýnazar Baýramdy.

Otuz ýyldan gowurak
Ondan bäri ýyl geçdi
Döredäýen aýdymlaň
Köňüllerde ýer tapdy.

Sazandalaň köpüsi
Indi saňa garaşýar
Goşgulaň her setiri
Aşyklara ýaraşýar.

Bagşylaryň iň zory
Seň goşgyňa hiňlenýär
Ýazan şygyrlaň bary
Höwes bilen diňlenýär.

Guwanýan men, Allaýar
Bu gün adyň parlaýar
Mertebäň, şan-şöhratyň
Pygamberler goldaýar.

Bahar aýyň başynda
Köpüräk ýaz gazaly
Yşk oduň daşynda
Söýüşsinler mazaly.

Mele BADAÝEW.
18.03.08.

* * *

ALLAÝAR ÇÜRIÝEWE

Beýik şahyr Allaýar,
Beýik dostdur Allaýar,
Allaýar hiç aldamaz,
Pany dünýä aldaýar.

Garrylary gördügi
Rubagyny joşýandyr.
Gelin-gyzy gördügi
Deňiz ýaly joşýandyr.

Yşky goşgy goşýandyr,
Durar ýerde duranok.
Ähli zady unudar,
Dostuna-da garanok.

Garamasaň garama,
Söýüp, joşup garrama!

10.02.2010 ý.

Azat RAHMANOW.

* * *

■ AÝDYM USSADY

*Şahyr Allaýar Çüriýewe*

Gussaň ýaza dönüp gunçalar açar.
Diňläňde şahyryň aýdymlaryny.
Göwün guşyň yşkyň mülküne uçar.
Diňläňde şahyryň aýdymlaryny.

Baglaryň aşygy, daglaň aşygy,
Dag içinde geçdi juwaş ýaşlygy.
Söýgüden dolýandyr göwün boşlugy.
Diňläňde şahyryň aýdymlaryny.

«Obamyň lälesi» aýdymlaň başy,
«Dagly gyz» ýüzükdir, «Sensiz» oň gaşy,
«Damjalar» ýaňlansa ýaz edip gyşy,
Gülledir şahyryň aýdymlaryny.

Dagda çopan bilen goýun bakýandyr,
Bagda bagban bilen güller ekýändir,
Mežnun bolup gaýalary ýykýandyr,
Diňläňde şahyryň aýdymlaryny.

Aşygyň «Lälesi gideli bäri»,
«Çarlak guşa» dönüp doldurdy töri,
«Gijeler» ýatladar uzakda ýary
Diňläňde şahyryň aýdymlaryny.

Aslyny sorasaň Könekesirli,
Ýüregi söýgüden, göwni pespälli,
Gussaly kalbyňa bolýar teselli,
Diňläňde şahyryň aýdymlaryny.

Röwşen ÇÜRIÝEW.
26.09.2009 ý.

* * *

Salam hormatly Allaýar aga!
Gijem bolsa meň adymdan hem doglan günüňiz mynasybetli şu gutlagymy kabul etmegiňizi haýyş edýän. Men size şu gutlagy ýetirip bilýänim üçinem özümi diýseň bagtly hasap edýän. Sebäbi siz ýaly beýik adam bilen tanşyp bilmän ýörenlerem köp ahyry. Men sizi çyn ýüregimden 56 ýaşyňyzyň dolmagy bilen gutlaýan. Size berk jan saglyk, uzak ömür, döredijilikde uly üstünlikler, durmuşyňyzda uly abraýdan peýdalanmagyňyzy dileýän. Meniň size ak ýürekden sizi begendiräýjek sowgat edesim geldi. Ahyry hem oýlanyp size maşynyňyza dakaryňyz ýaly «Ýoluň ak bolsun» ýazgyly şu dagdanjygy sowgat edesim geldi.
Her gezek şu dagdanjyga gözüňiz düşende meni hem ýatlarsyňyz diýdim.
Mertebäňiz mundan beýlägem belent bolsun, hormatly Allaýar aga!

Sizi hormatlamak bilen,
Gurbanowa A.
D. Azady adyndaky TMDDU-nyň
I-ýyl talyby.

* * *

DAG HÜWDÜSI

Säher wagty dür sözleri süzdüňmi?!
Saba ýele owazlaryň siňipdir,
Şol mukamlar hüwdüleýär dünýäni.
Mähre çümen gussalarym diňipdir.

Durmuş kenaryna çykdyk ikimiz,
Lowlap duran bu dünýe-de köşeşdi.
Ömre peşgeş berlen ylham çeşmesi,
Yşkdan doly hasratymy köjeşdi.

Belent daga çykmadyk biz hoş bolup,
Agraslygna maýyl bolduk daglaryň.
Hemem süýji arzuwlary paýlaşyp,
Şerbet suwun owurtladyk garlaryň.

Muhabbetli dideleriň mährinden.
Dag daşyndan güller çykdy paşyrdap,
Ýüregiň sesine düşýän jülgeler,
Hiňlendi şirinje hüwdä pyşyrdap.

Ol hüwdi şeýle bir süýji şirindi,
Misli sallançakda üwrelýän ýaly.
Juwan keşbi bagş eýledi ol mukam,
Ol hüwdä çeşme-de hüwlenýän ýaly.

Şeýdip bir pursatlyk bolduk bagtyýar,
Seretsene, bu daglaryň oýnuna.
Joşdy ýüreklerde beslän aýdymlar,
Şol mukamam siňdi dagyň roýuna.

Maral ÖWEZGELDIÝEWA.

* * *

ALLAÝAR ÇÜRIÝEWE

Altmyşdan geçdi ýaşyň.
Çalardy gara saçyň.
Müň görgi gördi başyň.
Eý, Allaýar, Allaýar!

* * *

Ýazypdyň öz obaň lälesi hakda,
Bir enäniň söwer balasy hakda,
Yşk alan ýüregiň nalasy hakda,
Ýollar aýdyň, ýazyber, eý Allaýar.

* * *

Indi altmyş ýyldyr, päliň ýoldaşyň,
Halypaň Pyragy, oldur syrdaşyň.
Beýik Omar kärine-de baş urduň,
Gaýrat et, saklanma, ýaz, eý Allaýar.

* * *

«Tuhta-tut» ýylynyň ärleri hakda,
Türkmeniň men diýen nerleri hakda,
Halkymyň ilhalar lideri hakda,
Öňem ýazdyň, ýaz ýene-de Allaýar.

* * *

Guýma gursak şahyry sen ilimiň,
Janköýer däl, hak aşygy ylymyň,
Myhman barsaň, töri seňki öýümiň,
Hoş gelipsiň, geçiber eý, Allaýar.

* * *

Halal iýdiň nesip eden çöregiň,
Il-gün diýip urup dur seň ýüregiň,
Taýýar watan üçin bermäge janyň,
Kalbyň bilen watançy sen Allaýar.

* * *

Daglardan öwrendiň pes-päl bolmany
Baglardan öwrendiň hoş-ýaz bolmany
Çöllerden öwrendiň agras bolmany
Öwrenip beýgeldiň, öňden Allaýar.

* * *

Ak ýüzli marallar geçdi deňiňden
Ýar diýip ýigitler geçdi serinden
Ýeke Sona boýluň tutdy gölüňdan
Bir ýürege bir ýar, besdir Allaýar.

* * *

Dost tutundyň ärsarydan, ýomutdan,
Marydan, Ahaldan hem Daşoguzdan,
Gadymy ýurt, Nuhuň ili Nohurdan,
Buýsan sen olara, guwan Allaýar.

* * *

Maksadym ýazmakdyr «Allaýarnama»,
Zehin kütgek geldi, aýp etme Aga.
Sözümiň soňunda dilegim şeýle,
Her işde ýar bolsun saňa Alla ýar.

Çuňňur hormatlamak bilen
Myrat ANNAÝEW,
filologiýa ylymlarynyň kandidaty.

15.07.20120 ý.

* * *

EMIR ETMEKDEN ÖTRI

*(Dostum, şahyr Allaýar Çürä bagyşlanýar)*

Zamana şeýle boldy,
Gözler göz ýaşa doldy,
Kimlere gerek şoldy,
Emir etmekden ötri.

Juwan giden şol başlar,
Kellä degende daşlar,
Gözden akdyryp ýaşlar,
Emir etmekden ötri.

Dogan-dogany satdy,
Goňşy-goňşyny atdy,
Ärler zyndanda ýatdy,
Emir etmekden ötri.

Kimler dereksiz ýitdi,
Kimler Sibire gitdi,
Kimler batgaga batdy,
Emir etmekden ötri.

Nähak gana galyndy,
Adam jany alyndy,
Dünýe ýüzi ýalyndy,
Emir etmekden ötri.

Nähak alynan başlar,
Urlup döwülen dişler,
Gabahatdy bu işler,
Emir etmekden ötri.

Kepenine çolanyp,
Ýere girdi elenip,
Indi gelmez dolanyp,
Emir etmekden ötri.

Annameret DURDYMÄMMEDOW.
10.05.2010 ýyl.

* * *

ALLAÝAR ÇÜRI

Saçyna çal sepip altmyşa ýeten,
Köne dostum sensiň, Allaýar Çüri.
Adam bolup il içinde adygan,
Köne dostum sensiň, Allaýar Çüri.

Ýodajykdan ýöräp tapdyň öz ýoluň,
Abraýňa şärik dogulan iliň,
Şygyr äleminde goýaldy balyň,
Köne dostum sensiň, Allaýar Çüri.

Işledik biz «Edebiýat we sungatda»
Metbugat merkezi, üçünji gatda,
Bolan wakalaryň barysy ýatda,

Köne dostum sensiň, Allaýar Çüri.

Gürrüňmiziň ilki başy WATANDY,
Hudaý ony ganymyza gatandy,
Ýigrendigmiz watanyny satandy,
Köne dostum sensiň, Allaýar Çüri.

Söweşipdik, Göroglynyň it urşy,
Käleriň çydaman egildi başy,
Käleriň üýtgedi ýol urup barşy,
Köne dostum sensiň, Allaýar Çüri.

Olardan galany Gözel Şaguly,
Hakyky şahyrdyr abraýy uly,
Abraýa getirdi öz tutan ýoly,
Köne dostum sensiň, Allaýar Çüri.

Ýene biri bardy Kowus Omatdy,
Neresse öýlenmän müjerret ötdi,
Hiç kime zyýansyz gowy ýigitdi,
Köne dostum sensiň, Allaýar Çüri.

Bardy gödegmiz Rahman Öwez,
Kä halat bolýardy, düşünmän ýowuz,
Ara açdy gitdi oň ýerem gowuz,
Köne dostum sensiň, Allaýar Çüri.

Uzaltsaň uzalyp barýar ýatlama,
Diýersiň uzaltma, bagrym otlama,
Söweşde bolupdy doňak, şatlama,
Köne dostum sensiň, Allaýar Çüri.

Biz Watana gerek, Watanam bize,
Watan sährasyna, dagyna, düze,
Waspnama ýazaly, galmaly güýze,
Köne dostum sensiň, Allaýar Çüri.

Annameret DURDYMÄMMEDOW,
žurnalist.

12.07.2011 ýyl.

* * *

■ GARRAMALY

*Aýdymçy şahyr A.Çüriýewe*

Seniň söýdük gara gözleň
Wah, nädeýin kütelipdir.
Seň ýoluňa çemen baglan,
Eller hassa göteripdir.
A.Çüriýew.

Garraly,
garraýas diýmäli ýöne,
«Garry oýnasa, turjak gaý bar» öňmüzde.
Garraly,
garrylygy duýmaly dostum,
Şerap süzülmeli toý bar, öňmüzde.
Garraly,
garraýas diýmäli agam,
Heniz guçulmaly biller bar, öňde.
Seniň aýdymlarňa bagryn oýkajak,
Aýdyma teşnewi iller bar, öňde.

Garraly,
garraýas diýmäli dostum,
Heniz söweşmeli «söweş» bar, öňde,
Bu dünýäde görip, nadanlar barka,
Garrap bormy!, Niçe «göreş» bar, öňde.

Garraly,
garraýas diýmäli dostum,
Heniz döremeli aýdym bar, öňde.
Ýar lebinde ballar doňar, garrasak,
Kim diýipdir?!, «Baldan doýdum bar», öňde.

Garraly,

garraýas diýmäli dostum,
«Ýürekde lowlajak ýalyn»1 bar öňde
Allaýary arzuwlarna atarjak,
Çary myrap boljak toýuň bar öňde.

Çary KULYÝEW,
filologiýa ylymlarynyň kandidaty.
2012-nji ýyl, maý aýy.

* * *

■ ATAMJAN

Atamjanym, atamjan,
Seni gowy görerin atamjan,
Maňa öwreden işleň
Maňa ýarady.

Maňa zähmet çekip
Öwreden zatlaň,
Saňa alkyş, şöhrat aýtsaňam
Size azdyr atamjan.

Melike.
08.11.2012.

■ ÝYLANLY WAKA

“Hoş söz ýylany
Çykarar hinden”.
Bu köne nakyl
Ýörgünli şindem”.

Diýip ýazanda,
Galamy bilen.
Aýnadan ýylan
Gözüne ilen.

Turupdy bada,
Ýorgandan galyp.

Tüpeň deý pili
Eline alyp.

Barsa, ýylandan
Ýok asyl derek.
Tolgunyp birden
Seslendi ýürek.

-Sopy Allaýar,
Bolsaňam şahyr
Söz bilen işiň
Deň bolsun ahyr!

25.01.2002 ý.

Azat RAHMANOW.

“Edebiýat we sungat” gazeti. Goşgular